| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2015-nji ýylyň 19-njy martynda 849 san bilen bellige alyndy** | **Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 108-iş belgili buýrugy** |

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2008-nji ýylyň 5-nji aprelinde çykaran 40-njy buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin döwlet gurluşyk kärhanalaryna karz ugruny açmak arkaly karz serişdelerini bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetme we goşmaça girizmek barada**

Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp karzlary bermegiň usulyny ösdürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda çykaran 9361-nji kararyna laýyklykda hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin gurluşyk kärhanalaryna berilýän ýeňillikli karzlary bermegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, buýurýaryn:

1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2008-nji ýylyň 5-nji aprelinde çykaran 40-njy buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2008-nji ýylyň 18-nji aprelinde 452 san bilen bellige alnan, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin döwlet gurluşyk kärhanalaryna karz ugruny açmak arkaly karz serişdelerini bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama şu üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli:

I babynda:

3-nji bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«3. Karz (göterimsiz karz) şu Düzgünnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Banklar tarapyndan Karz alyja üçtaraplaýyn şertnamada kesgitlenen ýaşaýyş jaýyň gurluşyk möhletine laýyklykda, ýöne 2 (iki) ýyldan köp bolmadyk möhlete, degişli zamunlyk şertnamasyny baglaşmak şerti bilen berilýär.

Şu Düzgünnama laýyklykda berilýän karzlaryň üpjünçiligi hökmünde Banklar tarapyndan welaýatlaryň häkimlikleriniň tabynlygyndaky gurluşyk kärhanalary üçin degişli welaýatlaryň häkimlikleriniň welaýat Gurluşyk önümçilik birleşikleriniň, Aşgabat şäheriniň häkimliginiň tabynlygyndaky gurluşyk kärhanalary üçin Aşgabat şäheriniň häkimliginiň hojalyk hasaplaşygyndaky gurluşyk kärhanalarynyň, şeýle hem ministrlikleriň we pudak edaralaryň tabynlygyndaky gurluşyk kärhanalary üçin degişli ministrlikleriň we pudak edaralaryň (mundan beýläk – Zamun bolýan) berýän zamunlygy degişli zamunlyk şertnamasyny baglaşmak arkaly kabul edilýär.»;

ikinji bendini üçünji bent diýip hasap etmeli;

şu mazmunly täze bap goşmaly:

«V. Jemleýji düzgünler

Şu Düzgünnamada beýan edilmedik düzgünler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.»

2. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 26-njy iýunynda 769 san bilen bellige alnan, “Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2008-nji ýylyň 5-nji aprelinde çykaran 40-njy buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin döwlet gurluşyk kärhanalaryna karz ugruny açmak arkaly karz serişdelerini bermegiň tertibi hakynda Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada“ Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň 24-nji iýunynda çykaran 263-iş belgili buýrugynyň dokuzynjy we onunjy bentlerini güýjüni ýitiren hasap etmeli.